*Çeşmesi:* *https://www.exchange.gov.tm/page/financial-monitoring?lang=tk*

TDHÇMB-niň Başlygynyň 08.07.2013ý.
senedäki №1/5-15 belgili Buýrugy bilen
tassyklandy

# Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynda jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek boýunça içerki gözegçilik Kadalary

## I. UMUMY DÜZGÜNLER

1.1. Şu Kadalar «Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynyň talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen işlenip düzüldi we ol Türkmenistanyň Raýat we Jenaýat kodeksleriniň, «Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň, "Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň işini kämilleşdirmek hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 15-nji ýanwarynda çykaran 10798-nij kararynyň, Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2010-njy ýylyň 25-nji fewralyndaky 16 belgili buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2010-njy ýylyň 16-njy martynda 518 belgi bilen hasaba alnan Edara görnüşli we şahsy taraplaryň Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň talap etmegi boýunça jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy göreşmek üçin zerur bolan maglumatlary bermeginiň Tertibiniň, Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2011-nji ýylyň 2-nji iýunyndaky 62 belgili buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2011-nji ýylyň 14-nji noýabrynda 606 belgi bilen hasaba alnan Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy göreşmek maksady bilen içerki gözegçiligi gurnamak hakyndaky Düzgünnamanyň, şeýle hem pullaryň kanunlaşdyrylmagyna garşy maliýe çäreleri işläp düzýän Toparyň (FATF) maslahatlarynyň, jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy göreş ulgamynda beýleki halkara ülneleriniň talaplaryna laýyklykda hökmany berjaý edilmäge degişli bolup durýar.

1.2. Şu Kadalar jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy göreşe gönükdirilen içerki gözegçiligiň esasy maksatlaryny, wezipelerini we onuň amala aşyrylyşynyň tertibini kesgitleýär.

1.3. Şu Kadalar babatynda aşakda getirilen adalgalar şu manylarda ulanylýar:

benefisiar eýe – netijede eýeçilik hukuklaryna eýe bolan ýa-da müşderä hakykatdan erk edýän şahsy tarap, şol sanda bähbidine pul serişdeleri ýa-da gaýry emläk bilen amallar geçirilýän edara görnüşli tarap;

birža – Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasy, şeýle hem onuň welaýatdaky dolandyrmalary;

içerki gözegçilik – Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan döwlet organyna habar berilmäge degişli bolan amallary ýüze çykarmak boýunça biržanyň işi;

müşderiniň anyklanmagy – müşderiniň degişli görnüşde barlanmagyny amala aşyrmak maksady bilen müşderi tarapyndan berlen resminamalaryň esasynda ol baradaky maglumatlaryň birža tarapyndan kesgitlenmegi;

benefisiar eýäniň anyklanmagy – kanunçylykda kesgitlenen esaslandyryş resminamalaryň (tertipnamanyň we (ýa-da) esaslandyryş şertnamasynyň, düzgünnamanyň) esasynda eýeçiliginiň gurluşyny we dolandyrylyşyny öwrenmek arkaly, birža tarapyndan eýäniň ýa-da müşderä erk edýän tarapyň – edara görnüşli tarapyň kesgitlenmegi;

werifikasiýa – müşderi tarapyndan berlen maglumatlaryň we resminamalaryň dogrulygynyň we takyklygynyň barlanmagy;

müşderi – biržanyň hyzmatlaryndan peýdalanýan şahsy ýa-da edara görnüşli tarap;

müşderiniň degişli görnüşdäki barlagy – müşderiniň we adyndan hereket edilýän taraplaryň şahsyýetiniň we ygtyýarlyklarynyň barlanmagy, esaslandyryş resminamalaryň esasynda eýeçiliginiň gurluşyny we dolandyrylyşyny öwrenmek arkaly, benefisiar eýäniň kesgitlenmegi, şeýle hem müşderi tarapyndan amala aşyrylýan işewürlik gatnaşyklarynyň we amallarynyň müşderi we onuň alyp barýan işi baradaky maglumatlara gabat gelýändiklerini barlamak maksady bilen olaryň hemişelik esasda öwrenilmegi;

habar berilmäge degişli bolan amallar – pul serişdeleri ýa-da gaýry emläk bilen amala aşyrylýan we taýýarlanýan, içerki gözegçiligi geçirişiň barşynda birža tarapyndan şübheli diýlip ykrar edilen amallar;

Maliýe gözegçiligi bölümi - müşderiniň we adyndan hereket edilýän taraplaryň şahsyýetiniň we ygtyýarlyklaryny barlamagyň maglumatlarynyň elektron görnüşinde ýygnalmagyny, şeýle hem şübheli geleşikler baradaky biržanyň ygtyýarlandyrylan işgärlerinden gelip gowşan maglumatlaryň işlenmegini amala aşyrýan Biržanyň işgärleri

Maliýe gözegçiligi bölüminiň başlygy – Biržada içerki gözegçiligiň düzgünleriniň işlenip taýýarlanmagyna, guralmagyna we amala aşyrylmagyna jogapkär bolan, Biržanyň ýolbaşçysy tarapyndan bellenýän ýörite wezipeli adam.

ygtyýarlandyrylan işgär – şübheli geleşikleri ýüze çykarýan we Maliýe gözegçiligi bölüminiň başlygyna ýazmaça görnüşde habar berýän Biržanyň işgärleri

ulgamy laýyk däl ýurt - jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek üçin pullaryň kanunlaşdyrylmagyna garşy göreşmek boýunça çäreleri işläp düzüş Toparynyň Maslahatlaryny ýerine ýetirmeýän ýa-da ýeterlik derejede ýerine ýetirmeýän ýurt;

daşary ýurtly jemgyýetçilik wezipeli adamy (DÝJWA) – daşary ýurt döwletiniň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji, administratiw ýa-da kazyýet organynda haýsydyr bir wezipedäki islendik bellenýän ýa-da saýlanýan adam, ýa-da daşary ýurt döwleti üçin, şol sanda jemgyýetçilik edarasy ýa-da jemgyýetçilik kärhanasy üçin haýsydyr bir jemgyýetçilik wezipesini ýerine ýetirýän islendik adam;

terrorçylaryň sanawy – ekstremizme ýa-da terrorçylyk işine gatnaşygynyň bardygy barada bellenen tertipde, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda alnan maglumatlar bar bolan guramalaryň ýa-da şahsy taraplaryň, ýa-da şeýle guramalaryň ýa-da taraplaryň gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn eýeçiliginde ýa-da erk etmeginde bolan edara görnüşli taraplaryň, ýa-da şeýle guramalaryň ýa-da taraplaryň adyndan ýa-da görkezmesi boýunça hereket edýän şahsy ýa-da edara görnüşli taraplaryň döwlet organlary tarapyndan bellenen tertipde düzülýän we guramalaryň dykgatyna ýetirilýän sanawy;

şübheli amal – biržada şu Kadalarynyň amala aşyrylmagynyň barşynda jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmak we (ýa-da) terrorçylygy maliýeleşdirmek maksady bilen amala aşyrylýandygy baradaky şübhe dörän, pul serişdeleri ýa-da gaýry emläk bilen edilýän, taýýarlanyş, amala aşyrylyş döwründe bolan ýa-da eýýäm amala aşyrylan amal;

ABU – awtomatlaşdyrylan birža ulgamy

Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan döwlet organy – Türkmenistanyň Prezindentiniň namalary tarapyndan döredilýän we Kanuna laýyklykda iş amala aşyrmaga ygtyýarlandyrylan döwlet organy;

2. Içerki gözegçilige şular degişli:

taraplarynyň biri hökmünde şu Kadalarynyň 33-nji bendinde sanalyp geçilen taraplar çykyş edýän birža amallary;

möhletli birža gurallary bilen edilýän birža amallary („fýuçers“, „opsion“ we beýleki deriwatiwler);

3. Içerki gözegçiligiň maksady şulardan ybarat:

pul serişdeleri ýa-da gaýry emläk bilen edilýän, jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine gönükdirilen amallary netijeli ýüze çykarmak we öňüni almak;

Biržanyň bilkastlaýyn ýa-da tötänden jenaýatçylykly işe gatyşmagyna ýol bermezlik;

pul serişdeleri ýa-da gaýry emläk bilen geçirilýän amallar taýýarlananda we amala aşyrylanda, jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy göreşmek boýunça kanunçylygyň, şeýle hem içerki resminamalaryň talaplarynyň berk berjaý edilmegini üpjün etmek.

4. Içerki gözegçiligiň wezipeleri şulardan ybarat:

Türkmenistanyň kanunçylygyna, şu Kadalaryny we içerki resminamalara laýyklykda müşderileriň degişli görnüşde barlanmagynyň çäreleriniň amala aşyrylmagy;

benefisiar eýeleriň, şeýle hem amallar amala aşyrylanda ulanylýan pul serişdeleriniň ýa-da gaýry emlägiň gelip çykyş çeşmeleriniň ýüze çykarylmagy we öwrenilmegi;

şu Kadalaryň 27-nji bendinde kesgitlenen alamatlaryň esasynda şübheli amallaryň ýüze çykarylmagy;

içerki gözegçiliginiň amala aşyrylmagynyň barşynda ýüze çykarylan şübheli amallar baradaky maglumatyň (resminamalaryň) Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan döwlet organyna öz wagtynda berilmegi;

aýratyn ýagdaýlarda habar berilmäge degişli bolan amallaryň togtadylmagy we şeýle amalyň togtadylan gününde ol hakynda Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan döwlet organyna habar berilmegi;

jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy göreşmek bilen bagly maglumatlaryň gizlinliginiň üpjün edilmegi;

pul serişdeleri ýa-da gaýry emläk bilen geçirilýän amallar baradaky maglumatyň, şeýle hem müşderileriň degişli görnüşde barlanmagy boýunça anyklaýyş maglumatlaryň we beýleki maglumatlaryň kanunçylykda bellenen möhletleriň dowamynda saklanmagynyň üpjün edilmegi;

Biržanyň ýolbaşçylygyny degişli çözgütleri kabul etmek üçin zerur bolan ygtybarly maglumatlar we beýleki maglumatlar bilen öz wagtynda we ulgamlaýyn üpjün edilmegi;

şübheli amallaryň amala aşyrylmagy ýa-da amala aşyrmak synanyşyklary baradaky, şübheli amallary amala aşyran müşderiler bilen bagly taraplar (ýolbaşçylar, esaslandyryjylar) baradaky maglumat binýadynyň döredilmegi, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda munuň ýaly maglumatyň döwlet organlary we beýleki guramalar bilen özara alnyp-çalşylmagy;

talaplar boýunça müşderler binýadynda terrorçylyk işiniň maliýeleşdirilmegi bilen bagly taraplaryň ýüze çykarylmagy.

## II. IÇERKI GÖZEGÇILIK ULGAMYNYŇ GURALYŞY

5. Içerki gözegçiligiň guralyşy we ýerine ýetirilişi Türkmenistanyň kanunçylygyna we şu Kadalar laýyklykda amala aşyrylýar.

6. Içerki gözegçilik ulgamy Biržanyň işleýşiniň aýratynlyklarynyň, onuň işiniň esasy ugurlarynyň we müşderiler hem-de olaryň amallary bilen bagly töwekgelçilik derejesiniň hasaba alynmagy bilen guralýar.

7. Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmegi guramak maksady bilen, Birža tarapyndan şu Kadalarynyň berjaý edilişine jogapkär tarap bellenýär (mundan beýläk – Maliýe gözegçiligi bölümininiň başlygy).

8. Maliýe gözegçiligi bölümininiň başlygy Biržanyň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen bellenýär. Bellenen jogapkär tarap baradaky maglumatlar Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan döwlet organyna berilýär.

9. jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy göreşmek maksady bilen jogapkär tarap şu wezipeleri ýerine ýetirýär:

şu Kadalar laýyklykda içerki gözegçilik etmegiň we müşderileri barlamagyň amallarynyň ornaşdyrylmagyny we amala aşyrylmagyny guraýar;

Biržanyň işiniň aýratynlyklaryndan ugur alyp, içerki gözegçiligi amala aşyrmak boýunça çäreleriň maksatnamasyny işläp düzýär we ýolbaşçylygyň tassyklamagyna berýär;

içerki gözegçilik amallaryny amala aşyryşyň barşynda ýüze çykarylan şübheli amallar ýa-da müşderileriň hereketleri barada Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan döwlet organyna öz wagtynda habaryň geçirilmegini, şeýle hem ygtyýarlandyrylan döwlet organynyň şeýle amallar boýunça goşmaça maglumat berilmegi baradaky talaplarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär ( „Edara görnüşli we şahsy taraplaryň Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň talap etmegi boýunça jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy göreşmek üçin zerur bolan maglumatlary bermeginiň Tertibini tassyklamak baradaky“ Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2010-njy ýylyň 16-njy martynda 518 belgi bilen hasaba alnan Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2010-njy ýylyň 25-nji fewralyndaky 156 belgili buýrugyna laýyklykda);

şu Kadalaryň we içerki gözegçilik maksatnamalarynyň amala aşyrylyşynyň barşynyň gizlinligini üpjün edýär;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda beýleki wezipeleri amala aşyrýar.

10. Ygtyýarlandyrylan işgärleriň borçlary:

müşderileriň degişli görnüşde barlanmagyny amala aşyrmak;

şübheli amallar ýüze çykarylan ýagdaýynda maglumatyň bellenen tertipde Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan döwlet organyna geçirilmegi üçin Maliýe gözegçiligi bölüminiň başlygyny habarly etmek;

alnan maglumatyň gizlinligini berjaý etmek;

içerki gözegçiligiň amala aşyrylyşynyň barşynda alnan resminamalaryň abatlygyny we gaýtarylmagyna üpjün etmek.

Ygtyýarlandyrylan işgärleriň kanunçylyga laýyklyk başga borçlary hem bolup biler.

11. Ygtyýarlandyrylan işgärleri hünäriniň kämilleşdirmek Birža tarapyndan amala aşyrylýar.

12. Maliýe gözegçiligi bölüminiň başlygy ýylda azyndan bir gezek öz işiniň netijeleri baradaky hasabatlary taýýarlaýar we Biržanyň ýolbaşçysyna berýär.

Birža şu Kadalarynyň talaplarynyň ýerine ýetirilişi boýunça öz işi baradaky hasabatlary ýylda azyndan bir gezek Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan döwlet organyna gönükdirýär.

13. Biržanyň düzüm bölümçelerinde şu Kadalarynyň göz öňünde tutulan çäreleriň ýerine ýetirilişiniň guralyşy we üpjün edilişi boýunça borçlar Maliýe gözegçiligi bölüminiň başlygy tarapyndan amala aşyrylýar.

## III. MÜŞDERILERIŇ DEGIŞLI GÖRNÜŞDE BARLANMAGY

14. Birža şu ýagdaýlarda müşderileriň degişli görnüşde barlanmagy boýunça çäreleri görýär:

geçirilýän amallaryň jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmak we terrorçylygy maliýeleşdirmek maksatlaryna gatnaşygynyň barlygy baradaky islendik şübhe bar bolanda;

anyklaýyş üçin öň alnan maglumatlaryň hakykylygy we dogrulygy babatynda şübhe bar bolanda.

15. Müşderileriň degişli görnüşde barlanmagy birža bazarynda hyzmatlary bermegiň ähli ugurlarynda we tapgyrlarynda amala aşyrylmalydyr.

Müşderiniň ýa-da benefisiar eýäniň anyklanmagy bilen bir hatarda, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda olar tarapyndan berilýän resminamalaryň ulanylmagy bilen olaryň amallary amala aşyrmaklyga ygtyýarlyklaryny barlamak zerur.

16. Müşderi tarapyndan biržada amaly geçirmek baradaky tabşyryk bilen bir wagtlaýyn ýa-da bir gezekleýin ýüz tutulanda Birža şulara borçly:

kanunçylyga laýyklykda müşderini ýa-da şol amalyň geçirilmeginde bähbidi bar bolan beýleki taraplary anyklamak (werifikasiýa geçirmek);

eger ygtyýarda geçen hasabat döwrüniň (aýyň, çärýegiň, ýarymýyllygyň, ýylyň) dowamynda şol müşderiniň öň geçiren amallary baradaky maglumatlar bar bolsa olary öwrenmek,

amalyň görnüşini we onuň müşderiniň – edara görnüşli tarapyň esaslandyryş resminamalarynda berkidilen işiniň maksatlaryna hem-de görnüşlerine laýyklyklygyny kesgitlemek;

amalyň görnüşini we onuň müşderiniň – telekeçilik işini amala aşyrýan şahsy tarapyň döwlet hasaba alnandygy baradaky şahadatnamasynda görkezilen işiň görnüşlerine laýyklyklygyny kesgitlemek.

- anyklaýyşda alnan maglumatlary terrorçylaryň we terrorçylyk guramalarynyň sanawy bilen deňeşdirmek.

emele gelen ýagdaýlarda daşary ýurtly jemgyýetçilik wezipeli adamlaryny (DÝJWA) ýüze çykarmak boýunça esasly we elýeter çäreleri kabul etmek. DÝJWA ýüze çykarylmagy üçin Birža şu çeşmeleriň islendigini ulanyp bilýär:

- müşderi anyklananda alnan resminamalar we maglumatlar: hususan-da, müşderiniň derejesi baradaky maglumat şahsyýeti tassyklaýan resminamadan (diplomatiki pasportdan), Türkmenistanyň çäginde bolmaga hukugyny tassyklaýan resminamadan (giriş wizasy) alnyp bilinýär. Eger eýeleýän wezipesi baradaky maglumat müşderiniň özi tarapyndan hasap açylanda görkezilen bolsa, ondan onuň „daşary ýurtly jemgyýetçilik wezipeli adamy“ derejesini tassyklaýan resminamalar alnyp bilner;

- resmi sanawlar (eger şeýle sanawlar jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy göreşmek boýunça ygtyýarlandyrylan döwlet organy, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň Merkezi edarasy ýa-da Türkmenistanyň başga döwlet organy tarapyndan işlenip düzülen we Biržanyň dykgatyna ýetirilen bolsalar);

- üçünji taraplaryň işläp düzýän täjirçilik sanawlary;

- maglumatyň köpçülige açyk çeşmeleri (KHBS, internet we beýlekiler).

- DÝJWA-niň hyzmat edilmäge alynmagyny diňe Biržanyň ýolbaşçysynyň ýa-da onuň orunbasarynyň ýazmaça rugsadynyň esasynda amala aşyrmak;

- emele gelen ýagdaýlarda DÝJWA-niň pul serişdeleriniň ýa-da gaýry emläginiň gelip çykyş çeşmesini kesgitlemek boýunça esasly we elýeter çäreleri kabul etmek;

- Biržada hyzmat edilýän DÝJWA-lar barada özüniň ygtyýarynda bar bolan maglumaty hemişelik esasda täzelemek;

- eger olar Biržada hyzmat edilýän bolsalar, DÝJWA-lar, olaryň är-aýallary, ýakyn garyndaşlary (gönümel ýokarky we aşaky neberesi (ene-atasy we çagalary, babasy, mamasy we agtyklary), ganybir we ganybir däl (atabir ýa-da enebir) garyndaş bolan erkek doganlary we gyz doganlary, ogulluga alanlar we ogulluga alnanlar) tarapyndan ýa-da görkezilen taraplaryň adyndan amala aşyrylýan pul serişdeler ýa-da gaýry emläk bilen geçirilýän amallara ýokary üns bermek.

- işgär anyklaýyşda alnan maglumatlary terrorçylaryň we terrorçylyk guramalarynyň sanawlary bilen deňeşdirmäge borçly.

17. Müşderiniň – şahsy tarapyň anyklanmagy şahsyýeti tassyklaýan resminamanyň (pasportyň ýa-da oňa deňeşdirilen resminamanyň) esasynda amala aşyrylýar. Şahsy tarap hususy telekeçi bolup durýan ýagdaýynda, onuň döwlet hasaba alnandygy baradaky şahadatnamasy hem öwrenilmeli.

18. Müşderi – edara görnüşli tarap anyklananda döwlet hasaba alnandygy baradaky degişli resminamalary, guramaçylyk-hukuk görnüşi baradaky maglumaty, ýerleşýän ýeri, ýolbaşçylary, şeýle hem esaslandyryş resminamalarynda görkezilen maglumatlary barlamak zerur.

19. Müşderiniň – edara görnüşli tarapyň has jikme-jik öwrenilmegi maksady bilen şulara aýratyn üns bermek zerur:

müşderiniň esaslandyryş resminamalarynyň (şol sanda hasaba alnan ähli üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň) we müşderiniň döwlet hasaba alnandygyny tassyklaýan resminamalarynyň resmileşdirilişi;

müşderiniň dolandyryş organlarynyň gurluşy we olaryň ygtyýarlyklary;

müşderiniň hasaba alnan esaslyk maýasynyň möçberi.

20. Birža müşderi tarapyndan berilýän maglumatlary şularyň üsti bilen barlamaga hukugy bar:

döwlet organlaryndan we beýleki guramalardan müşderi hakynda alnan maglumatlaryň ulanylmagy;

müşderiniň biržanyň beýleki müşderileri bilen özara gatnaşyklarynyň öwrenilmegi;

müşderiniň iş abraýy baradaky maglumatyň ýygnalmagy.

**21. Ýagdaýlary göz öňünde tutmak bilen, Birža pullaryň kanunlaşdyrylmak ýa-da terrorçylygyň maliýeleşdirilmek töwekgelçiligi pesräk bolan we müşderiniň hem-de müşderiniň bähbit edinijisiniň şahsyýeti baradaky maglumat açyk çeşmelerden elýeterli bolan ýa-da FATF-yň maslahatlaryna laýyklykda barlagyň we gözegçiligiň degişli görnüşindäki mehanizmleri milli ulgamlaryň beýleki pudaklarynda bar bolan halatlarynda, anyklaýyşda sowalnamanyň ýönekeýleşdirilen görnüşini ulanmaga hukugy bar bolup, ol sowalnamada müşderiniň familiýasy, ady we atasynyň ady, şahsyýetini tassyklaýan resminamalaryň maglumatlary bolmaly (eger kanundan we milli däpden başgasy gelip çykmaýan bolsa).**

22. Edara görnüşli we şahsy taraplaryň anyklanyşynyň barşynda müşderiniň benefisiar eýelerini anyklamak boýunça esasly we elýeter çäreler kabul edilmeli, şol sanda müşderiniň eýeçiliginiň gurluşyny öwrenmek arkaly.

23. Anyklanyş Türkmenistanda döwlet häkimýet we dolandyryş organlarynyň ulgamyna girýän organlar babatynda, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň kadalaşdyryjy namalarynyň esasynda baglaşan şertnamalaryň taraplary babatynda geçirilmeýär.

24. Şertnamanyň taraplarynyň deslapky anyklanyşyndan soň, kalendar ýylynyň dowamyndaky gaýtadan anyklanyş olaryň guramaçylyk görnüşiniň, ýolbaşçysynyň, hukuk salgysynyň ýa-da guramaçylyk-hukuk we maliýe aýrybaşgalaşdyryşyň beýleki görkezijileri üýtgän ýagdaýynda geçirilýär.

25. Anyklaýyş üçin zerur bolan resminamalar müşderiler tarapyndan berilmedik ýagdaýynda, Birža olara amalyň geçirilmeginden ýüz dönderýär.

## IV. TÖWEKGELÇILIK DEREJESINIŇ KESGITLENMEGI

26. Müşderiniň degişli görnüşde barlanmagynyň barşynda alnan maglumatyň esasynda Maliýe gözegçiligi bölüminiň işgäri müşderiniň iş görnüşlerini we amallaryny hasaba almak bilen, jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagy we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegi maksady bilen müşderi tarapyndan amallaryň geçirilişiniň degişli töwekgelçilik derejesini (ýokary ýa-da pes) bahalandyrýar hem belleýär (mundan beýläk töwekgelçilik derejesi) we ony ABU-na girizýär.

27. Töwekgelçiligiň ýokary derejeli toparyna ilkibaşdan şu aşakda sanalyp geçilen, ýokary üns berilmegi zerur bolan alamatlara eýe bolan müşderiler degişli edilip bilinýär:

terrorçylyk işine gatnaşygynyň bardygy ýa-da terrorçylyk işi bilen meşgul bolýan taraplaryň erkindedigi baradaky maglumat bar bolan ýa-da terrorçylyk işini amala aşyrýan ýa-da amala aşyrmaklykda şübhelenilýän guramanyň gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn eýesi ýa-da erk edijisi bolup durýan taraplar;

ätiýaçlandyryş amallaryny geçirmek üçin amatly şertler döredilen we (ýa-da) pul serişdeleri bilen geçirilýän amallar baradaky maglumatyň açylmagy we berilmegi göz öňünde tutulmaýan döwletde (çäkde) (mundan beýläk – ulgamy laýyk däl ýurt) hasaba alnan, ýaşaýyş ýeri ýa-da boluş ýeri bar bolan taraplar;

ulgamy laýyk däl ýurtda hasaplary bar bolan Türkmenistanyň dahyllylary we dahylsyzlary;

hakyky ýerleşýän ýerleri esaslandyryş we hasaba alyş resminamalarda görkezilen maglumatlara gabat gelmeýän guramalar we hususy telekeçiler;

iş döwri maliýe ýylyň bir çärýeginden geçmeýän guramalar we hususy telekeçiler;

hakyky eýesi şu bendiň ikinji we üçünji abzaslarynda görkezilen tarap bolup durýan guramalar;

ulgamlaýyn esasda (üç aýyň dowamynda yzly-yzyna ikiden köp gezek) şübheli amallary geçirýän müşderiler.

28. Töwekgelçiligiň ýokary derejesi bellenende, müşderiniň degişli görnüşde barlanmagy boýunça güýçlendirilen çäreleri görmek we ol tarapyndan geçirilýän amallara hemişelik monitoringi amala aşyrmak zerur.

29. Eger müşderiler bilen alnyp barylýan iş töwekgelçiligiň ýokary derejesi bilen bagly bolmasa, onda şol müşderiler pes töwekgelçilik derejeli müşderiler toparyna degişli edilýär.

30. Müşderi tarapyndan geçirilýän amallaryň häsiýetiniň üýtgemegine görä, Birža zerur bolan halatlarynda ol bilen alnyp barylýan işiň töwekgelçilik derejesini gaýtadan gözden geçirmeli.

## V. ŞÜBHELI AMALLARY ÝÜZE ÇYKARMAGYŇ ALAMATLARY WE TERTIBI

31. Pul serişdeleri ýa-da gaýry emläk bilen geçirilýän amal şu ýagdaýlarda şübheli diýlip ykrar edilip bilner:

zerurlyk bilen baglylykda soralýan maglumatlaryň, şol sanda ynanç hatyny beriji baradaky (eger müşderi ynamdar adam hökmünde çykyş edýän bolsa) maglumatlaryň berilmeginden müşderi tarapyndan delilsiz ýüz dönderilmegi;

hyzmat berilmegiň has bähbitli şertlerine müşderi tarapyndan biperwaý garalmagy, şeýle hem hyzmatyň şeýle görnüşi ýerine ýetirilende biržada adatça tölenýänden tapawutlanýandygy öňünden bilnip müşderi tarapyndan adaty däl ýokary sylaglaýyşyň teklip edilmegi;

birža amaly boýunça hasaplaşyklary geçirmegiň tertibi babatynda şol müşderi tarapyndan ulanylýan, adaty tejribeden ýa-da adaty birža tejribesinden tapawutlanýan standart däl ýa-da çylşyrymly düzgünleriniň bolmagy;

ýatyrylan birža geleşikleri boýunça öz pul serişdeleriniň müşderi tarapyndan üçünji taraplara ýa-da dahylsyz banklardaky hasaplara gaýtarylmagynyň teklip edilmegi;

müşderi tarapyndan resminamalaryň we maglumatyň berilmegiň delilsiz saklanmagy ýa-da müşderi tarapyndan barlanmagy mümkin bolmadyk maglumatyň berilmegi, ýa-da şol barlagyň örän gymmat bahaly bolmagy;

biržada amala aşyrylýan geleşik babatyndaky gizlinlik meseleleri boýunça müşderiniň artykmaç ynjalyksyzlygy;

biržada belli bir amalyň geçirilmegindäki müşderiniň isleg bildirýän esassyz gyssaglylygy;

müşderiler tarapyndan möçberi Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan döwlet organynyň bellän çäk möçberinden uly bolan bir gezeklik alyw-satuw amallarynyň nagt pul serişdeleriniň tölenmegi bilen geçirilmegi;

hyzmatlaryň berilmegi ýa-da işleriň ýerine ýetirilmegi boýunça möçberi Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan döwlet organynyň bellän çäk möçberinden uly bolan birža geleşikleriniň nagt pul serişdeleriniň tölenmegi bilen baglaşylmagy;

geçirilýän amallaryň jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagy we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegi maksadyna gatnaşygynyň barlygy babatynda esasly şübhe bar bolan ähli beýleki ýagdaýlarda.

32. Amalyň şübheli diýlip ykrar edilmegi her aýratyn ýagdaýda şu Kadalarda bellenen şübhelilik alamatlarynyň ulanylmagy bilen geçirilýän toplumlaýyn seljerişiň esasynda, şeýle hem müşderiniň görnüşi, onuň abraýy, iş gatnaşyklarynyň häsiýeti, geleşigiň esaslary, maksatlary, möçberi we görnüşi, ony geçirmegiň çyzgysy boýunça we amallaryň şübheliliginiň dogry kesgitlenmegi üçin ähmiýetli bolan beýleki ýagdaýlaryň esasynda kesgitlenýän töwekgelçilige baglylykda amala aşyrylýar.

33. Amalyň taraplarynyň biri bolup şu aşakdakylar çykyş edýändigi baradaky bellenen tertipde alnan maglumat bar bolan ýagdaýynda, islendik birža amaly Birža tarapyndan Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan döwlet organyna habar berilmäge degişli:

terrorçylyk işine gatnaşýan ýa-da gatnaşmakda şübhelenilýän edara görnüşli ýa-da şahsy tarap;

terrorçylyk işini amala aşyrýan ýa-da amala aşyrmaklykda şübhelenilýän guramanyň gönüden-göni eýesi bolup durýan ýa-da oňa erk edýän edara görnüşli ýa-da şahsy tarap;

Terrorçylyk işini amala aşyrýan ýa-da amala aşyrmaklykda şübhelenilýän şahsy tarapyň ýa-da guramanyň eýeçiliginde ýa-da erk etmeginde bolan edara görnüşli tarap.

Bu ýagdaýlarda şeýle amaly togtatmak we şeýle amal barada Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan döwlet organyna habar bermek zerur.

34. Müşderiniň amaly şübheli diýlip ykrar edilen ýagdaýynda, Birža müşderi babatynda mundan beýläki hereketler baradaky çözgüdi kabul edýär, şol sanda:

şübheli amal barada Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan döwlet organyna habar berilmegi;

müşderi bilen amalyň geçirilişine aýratyn üns berilmeginiň zerurlygy;

Türkmenistanyň kanunçylygyna ýa-da müşderi bilen baglaşylan şertnama laýyklykda onuň bilen gatnaşyklaryň bes edilmegi.

35. Şübheli amallar baradaky habarlar amaly şübheli diýlip ykrar edilen pursatyndan başlap bir iş gününden gijä galynman Birža tarapyndan Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan döwlet organyna geçirilýär.

Şübheli amal boýunça her habar baradaky maglumat jogapkär tarapyň kagyz we (ýa-da) elektron görnüşde alyp barýan ýörite žurnalyna girizilýär.

36. Mundan başga-da, Birža tarapyndan degişli amal boýunça şübhäni tassyklap ýa-da aýryp biljek islendik maglumatyň Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan döwlet organyna haýal etmän habar berilmegi zerur bolup durýar.

## VI. IÇERKI GÖZEGÇILIGI AMALA AŞYRMAGYŇ NETIJESINDE ALNAN MAGLUMATLARYŇ WE RESMINAMALARYŇ RESMILEŞDIRILIŞI,

SAKLANYŞY, GIZLINLIGININ ÜPJÜN EDILIŞI

37. Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan döwlet organyna habar berilmäge degişli bolan amallar boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyna we şu Kadalara laýyklykda şular resminamalaýyn resmileşdirilýärler:

amalyň görnüşi we ony geçirmegiň esasy;

amaly geçirilen senesi we onuň geçirilen möçberi;

amaly geçirýän şahsy ýa-da edara görnüşli tarapyň anyklanmagy üçin zerur bolan maglumatlar;

tabşyrygy boýunça we adyndan amal geçirilýän şahsy ýa-da edara görnüşli tarapyň anyklanmagy üçin zerur bolan maglumatlar;

şahsy ýa-da edara görnüşli tarapyň adyndan amaly geçirýän şol tarapyň wekiliniň (ynamdar adamynyň) anyklanmagy üçin zerur bolan maglumatlar;

pul serişdeleri ýa-da gaýry emläk bilen geçirilýän amallar boýunça alyjynyň we onuň wekiliniň anyklanmagy üçin zerur bolan maglumatlar.

38. Birža pul serişdeleri ýa-da gaýry emläk bilen geçirilýän amallar baradaky maglumaty Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen möhletleriň dowamynda, ýöne amal geçirilenden ýa-da müşderi bilen gatnaşyklar bes edilenden soň azyndan bäş ýyl saklamaga borçly.

39. Birža jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy göreşmek bilen bagly maglumata rugsady çäklendirýär, onuň ýaýramazlygyny üpjün edýär we edara görnüşli we şahsy taraplary olaryň amallary baradaky habaryň Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan döwlet organyna berlendigi barada mälim etmäge hukukly däl.

40. Birža öz işgärleri tarapyndan içerki gözegçiligiň wezipeleriniň ýerine ýetirilişiniň barşynda alnan maglumatyň olar tarapyndan ýaýradylmazlygyny (ýa-da şahsy maksatlarda ýa-da üçünji taraplaryň bähbitlerinde ulanylmazlygyny) üpjün edýär.

VII. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

41. Şu Kadalaryň talaplarynyň Birža tarapyndan berjaý edilişine monitoring we gözegçilik Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan döwlet organy tarapyndan amala aşyrylýar.

Biržanyň işgärleri tarapyndan şu Kadalaryň talaplaryny berjaý edilişine monitoring we gözegçilik Biržanyň ýolbaşçylygy tarapyndan amala aşyrylýar.

42. Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy göreşmek ulgamynyň kanunçylygynyň bozulan ýagdaýlarynyň ýaşyrylmagynda, şeýle hem şu Kadalaryň talaplarynyň bozulmagynda günäkär taraplar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde jogapkärçilik çekýärler.

TDHÇMB-niň Başlygynyň 08.07.2013ý. senedäki
№1/5-15 belgili Buýrugy bilen tassyklandy

Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynda jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek boýunça içerki gözegçiligiň Kadalaryna
№1 Goşundy

EDARA GÖRNÜŞLI TARAPLARY WE HUSUSY TELEKEÇILERI ANYKLAMAK MAKSADY BILEN ALYNÝAN MAGLUMATLAR

Dahylly we dahylsyz edara görnüşli taraplaryň anyklanmagy maksady bilen alynýan maglumatlar.
Esaslandyryş resminamasy ýa-da şu maglumatlary özünde saklaýan başga resminama:
- doly, şeýle hem (bar bolsa) gysga atlandyrylyşy, şeýle hem daşary ýurt dilindäki atlandyrylyşy;
- guramaçylyk-hukuk görnüşi;
- kompaniýanyň ýolbaşçysynyň Familiýasy, Ady, Atasynyň ady;
- daşary ýurtly guramanyň salgyt töleýjiniň salgyt belgisi ýa-da kody (eger bar bolsa);
- döwlet hasaba alnandygy baradaky maglumatlar: senesi, belgili, hasaba alan organyň atlandyrylyşy, hasaba alnan ýeri;
- ýerleşýän ýeri we poçta salgysy;
- esaslyk (ýygnama) maýanyň hasaba alnan we tölenen möçberi ýa-da esaslyk maýanyň, emlägiň möçberi baradaky maglumatlar;
- habarlaşmak üçin telefonlarynyň we fakslarynyň belgileri;
- bank maglumatlary;
kompaniýanyň adyndan gol çekýän tarapyň Familiýasy, Ady, Atasynyň ady (ynanç hatyň belgisi, berlen senesi we möhleti)

Dahylly we dahylsyz hususy telekeçileriň anyklanmagy maksady bilen alynýan maglumatlar.
Patent ýa-da şu aşakdaky görkezilen maglumatlary özünde saklaýan beýleki resminama:
- familiýasy, ady we atasynyň ady;
- doglan senesi we ýeri;
- raýatlygy;
- ýaşaýan ýeriniň salgysy we poçta salgysy
- işiniň görnüşi
- habarlaşmak üçin telefonlarynyň we fakslarynyň belgileri;
- bank maglumatlary
Telekeçiniň şahsyýetini tassyklaýan resminama: resminamanyň tapgyry we belgisi, resminamanyň berlen senesi, resminamany beren organyň atlandyrylyşy we bölümçesiniň kody (eger bar bolsa).
Hususy telekeçi hökmünde hasaba alnandygy baradaky maglumatlar: hasaba alnan senesi, döwlet hasaba alyş belgisi, hasaba alyş organynyň atlandyrylyşy, hasaba alnan ýeri.

TDHÇMB-niň Başlygynyň 08.07.2013ý.
senedäki №1/5-15 belgili Buýrugy bilen
tassyklandy

Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynda
jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň
kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň
maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek
boýunça içerki gözegçiligiň
Kadalaryna
№2 Goşundy

## MÜŞDERINIŇ SOWALNAMASYNA (JILTINE) GIRIZILÝÄN MAGLUMATLAR

1. Müşderiniň anyklanmagynyň, bähbit edinijiniň kesgitlenmeginiň we anyklanmagynyň netijesinde alnan Şu Kadalarynyň №1 Goşundysynda görkezilen maglumatlar.
2. Töwekgelçilik derejesi baradaky, şol sanda Töwekgelçiligiň bahalandyrylyşynyň esaslandyrylmasy baradaky maglumatlar.
3. Müşderi bilen gatnaşyklaryň başlanan senesi, hususan-da, ilkinji şertnamanyň hasaba alnan senesi.
4. Müşderiniň sowalnamasynyň (jiltiniň) doldurylan we gaýtadan gözden geçirilen senesi.
5. Müşderi bilen alnyp barylýan işe Maliýe gözegçiligi bölümininiň başlygynyň familiýasy, ady we atasynyň ady, wezipesi.
6. Müşderiniň sowalnamasyny (jiltini) kagyz göterijide dolduran tarapyň familiýasynyň, adynyň we atasynyň adynyň, wezipesiniň görkezilmegi bilen çeken goly ýa-da müşderiniň sowalnamasyny (jiltini) elektron görnüşde dolduran tarapyň familiýasy, ady we atasynyň ady, wezipesi.
7. Guramanyň öz garamagy boýunça beýleki maglumatlar.